# Meniñ täleýim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Meniñ täleýim MENIÑ TÄLEÝIM

*Özüme öwgi*

Palçy aýal doglan ýylymy sorap,
Aýama äñedip, diýdi: – Eý, oglan,
Añsat düşmez saña özüñi gorap,
rahat ýaşamak,
sen «bars» ýyly doglan!

Gözlere dürtülýän batyrgaýlygyñ,
Başyña müñ gowga getirer günde.
Içinde bolarsyñ howpuñ-gaýlygyñ,
Mydam «ýörärsiñ sen gyljyñ ýüzünde».

Sebäbi, gylygyñ barsyñ gylygy,
Ähli boluşlaryñ bolşudyr barsyñ.
Özgeler oñarar ýaranjañlygy,
Azara-da galma, sen oñarmarsyñ.

Gönümelsiñ, aýdarsyñ sen aç-açan,
Şonuñ üçin senden heder ederler.
Dogry durup salyşmazlar hiç haçan,
Assyrynja «gapan gurup» giderler.

Dostlaşsañyz «ýylan» ikiñiz, meger,
Bir-biriñe peýda getirersiñiz.
Onuñ pähmi seniñ güýjüñi eger
Ugrukdyrsa, kän iş bitirersiñiz.

«Ýylky» jyrtlap, ynjalygyñ gaçyrsa,
Iýmseñem, serip bilersiñ läşin.
Eger sokaýmasa şahyny parsa.
«Sygryñam» dessine görersiñ işin.

«Towşanmy», «towukmy», «itmi»? «balykmy»,
«Syçanmy», «maýmynmy», «doňuzmy», «goýun»,
Galamasy saňa erjeşip bilmez,
Güýjüňe, erkiňe bolarlar boýun.

Duşmanlaryň degmeseler utarlar,
Degäýseler janlaryna jaý ýokdur.
Başlaryny diňe gaçyp gutarlar,
Ýüzbe-ýüz söweşde saňa taý ýokdur.

Ýowuz uçutlardan böküp geçmäge
Täleý çakganlyfyn berendir barsyň.
Ýöne bars töwekgel – häzir «göçmäge»,
Sowukganly bolsaň, uzak ýaşarsyň…

■ DERÝA

Oglan döwrümizde uly hatamyz:
Köplenç etme diýlen işi ederdik.
Derýadan gorkardy ene-atamyz
«Gitmäň!» diýerdiler,
Hökman giderdik.

Gorkmazça-da däldi, aždarhaň bar-da,
Howumyz basardy towlanyp barşy.
Agyz urup, kä ol-kä bu kenarda,
Toraňňydyr hyşalary goparşy.

…Galmandyr ol öňki derýadan nyşan:
Kä ýerleri ýatladyp dur kanaly.
Öňki haýbaty ýok, haly perişan,
Garrap tapdan düşen bir iner ýaly.

Joşýana meňzänok, esreýäne-de,
Däli Jeýhun diýlip at alan derýa.
Çägesöwje bir kiçijik hanada,
Täleýine kaýyl bolupjyk barýa.

Zeýkeş gazynmakdan bez bolupdyr il,

Kanal geçip, kän ýer duzly käl indi.
Toprag-a ol öňki şirin toprak däl,
Derýa-da ol öňki derýa däl indi.

«Biz Jeýhuny jylawladyk» diýýäris,
Bizi jylawlady biparh kowlan suw.
Bol hasyl ýerine puşman iýýäris,
Soňky puşman bolaýbilse ýagşy bu!

Hemra ŞIROW. Goşgular